# Ýürek sözleri

**(Aýralyk ýyllar)**

## Daňatar

# İçindäkiler:

**-Ene dil**
**-Söÿgi duÿgulary**
**-Ýola çykyş (Adalatly düzgüne sary)**
**-Dört Gerçek (Tumaç, Magtym, Wahedi, Jürjany)**
**-Gahryman**
**-İl-günae bagş edilen ömür (Gürgen Bähälkä)**
**-Är aÿdymy (Ännin Gökleñiÿe)**
**-Ýedigenler (Türkmensära şehidlerine)**
**-Dogduk depäm, Türkmensähram**
**-Birleşeÿli**
**-Gözel Sähram**
**-Dost saçagy**
**-Näbilsin?**
**-Pyragy kim?**
**-Salam beÿik atam Magtymguly!**
**-Giñelÿär dünÿäm**
**-Türkmenistanym**
**-Ömür ÿoldaşyma**
**-Adamlar! (Dr. Mämişir aradan çykdy)**
**-Soñlanmadyk sözler(Şahyr Gurbangeldi aradan çykdy)**
**-Kümüş toÿa gutlag sözi**
**-Gardaş duÿgusy (Azerbayjan türkçsinde)**
**-Yalnizlik (Türküÿe türkçesinde)**

# Giriş:

**Her bir şahyryñ ÿa-da meniñ ÿaly, ÿürek sözlerini goşgy görnüşde aÿtmagy söÿÿänleriñ eserleri okalanda, olarda ÿazyjynyñ ÿaşaÿan toplumynyñ hem onuñ öz ruhy dünÿäsiniñ yzygiderli özgeriş hem ösüşüni görüp bolÿar. Şonuñ üçin hem, goşgularyñ dürli-dürli, hatda bir-birine gapma-garşy gelÿän ÿagdaÿlary-da gabat gelmegi tebigy hadysadyr. Sebäbi durmuş yzygiderli ösÿär hem özgerÿär, ynsanlaryñ düşünje hem ruhy dünÿäsi-de şoña görä degişÿär. Mysal üçin biz Türkmenlerde sosýalizma bolan ynam güÿçlidi. Sbäbi, bir tarapdan onuñ şygary elmydama deñlik adalatlylyk bolsa, ýene bir biziñ üçin has ähmiýetli tarapy, Şurewide bir Türkmenistan döwletiniñ bolmagy we ol döwletde biziñ dilimiz başda bolmak bilen milli medeniýetimiziñ goralyp saklanmagydy. Hut şonuñ üçin hem Iranyñ yslamy agdarylyşygyndan soñky bosgunçylykda, ugrumyz Türkmenistana tarap boldy. Emma ol ýerde ýaşap, gözümiz bilen görenimizden soñT hakykatyñ biziñ eşidenlerimizden hem okanlarymyzdan başgaçarakdygyna göz ýetidik. Düşünjelerimiziñ hem ruhy dünýämiziñ-de şoña görä degişmegi tebigydyr.**

**Aşakdaky goşgular-da meniñ Eÿranyñ 1979-njy ÿyldaky yslamy agdarylyşygyndan (rewelÿusÿasyndan) soñky ykbalymyñ we geçiren ruhy dünÿämiñ gysgaça beÿanydyr. Olary gaýtadan gözden geçirip internet saýtlary arkaly märiban il-günüme hödürleýärin.**

**Bu agdarlyşyk Türkmen milletine örän aÿylganç hem agyr düşdi. Men-men diÿen ÿigitlerimiz ÿa islenmedik uruşda şehid boldy, ÿa-da tutulup atyldy, asyldy, türmä salyndy we sürgün edildi. Birgiden adamlar-da ÿurdyny taşlap bosgunçylykda ÿaşamaga mejbur boldy. Men hem şolarşñ biri hökmünde 30 ÿyldan bäri il-günümiñ agyr ÿagdaÿyna ÿanyp, gözel Türkmensährамyñ hem mähriban il-günümiñ asuda we erkin günlerini görmek arzuwy bilen ÿaşaÿaryn, hem-de elimden gelen medeni hyzmaty etmäge çalyşÿaryn.**

**Ol agyr ýyllar we milletimiziñ şeýle pajygaly ýagdaýa düşmeginiñ sebäpleri, bitirilen uly hem buýsançly işleriñ ýanynda, edilen uly ýalñyşlyklar hakynda, ol günleri gözi bilen görüp egni bilen çekenleriñ tarapyndan şu güne çenli köp makalalar ýazyldy. Geljegki nesilleriñ gözi açylmagy we şeýla günleriñ gaýtalanmazlygy üçin ýene-de ýazylar.**

**Elbetde, elden giden hem depelenen milli haklary gaýtaryp almaklyk agyr ýoldan geçýär we onuñ ugrunda mallar we janlar gurban edilmeli bolýar. Emma ol ýyllaryñ biziñ milletimiz üçin has pajygaly ýagsaýda geçmegi we dowam etmeginiñ, meniñ düşünjäme görä iki esasy sebäbi bardy. Biirnjiden: Milletimiziñ tejribesiniñ az bolmagy we şeýla agyr hem howply günlerde ile ýolbaşçylyk edip biljek milli guramany döredip ýetişmänligi, ikinjiden (we şonuñ netijesinde): Özlerini “Halk fedaýilar guramasy” diýip adlandyran keseki milletiñ guramasyna ynanylmagy boldy. Emma men muña garamazdan, aşakdaky iki hakykata berk ynanýaryn:**

**1- Her bir taryhy pursatda bolşy ýaly, Milletimiz bu taryhy şertde-de özlriniñ milli haklaryny almak hem-de Ata-bab Ýurduna eýe çykmak ugrunda agzybirlik bilen herekete geçdi we “Okuw gerek hat gerek, Türkmençe mektep gerek – Elden giden ýerleri, gaýtaryp almak gerek” diýen adalatly şygary bilen astynda özüni bir Millet hökmünde beýan edip dünýä görkezip bildi. Bu şygar bu gün-de biziñ iñ dogry milli şygarymyzdyr.**

**2- Dünýäde iñ eziz hem gymmatly zat bolan “şirin janlary” milletiniñ erkinligi hem abyraýly ýaşamagy ugrunda gurban eden gahryman ynsanlarymyz, biziñ milli şehitlerimizdir hem milli gahrymanlarymyzdyr. Olary il-günümiz hiç-haçan unutmaz we unutmaly däldir. Olar Milletimiziñ taryhy ýoluna yşyk salyp wyjdanlary oýaryp duran parlak ýyldyzlardyr.**

**(Dañatar 2012 Maý)**

## Ene Dil

**Ýaşaýyşda sökellik bar, saglyk bar**
**Aýak astynda galmak bar, beglik bar**
**Ýöne diriligme ynanýan haçan,**
**Dilim türkmen gepläp eştsem goşa tar.**

**Çalynmasa sazlar eştmesem aýdym,**
**Sözler gara geýer, gan aglar beýdim**
**Enemiñ hüwilän dilin harlasam,**
**Şol gün agajata, münendir meýdim.**

*Aşgabat 1992: Otuz ýaşa ýetmedik ýaş türkmen bagşylarynyñ ýaryşyna giriş söz. Bu ýaryşa Türkmensähradan hem bagşylar çagyryldy.*

## Söŷgi Duŷgusy

**Säheriň gijeden dörenŷän çagy,**
**Daň şemala gülleň yranŷan çagy,**
**Sonalaň suwlarda daranŷan çagy,**
**Sona dek söŷgilim ŷadyma gelŷär.**

**Gamly agşam, akarsuwyň başynda,**
**Uzak küŷler, aŷlananda başymda,**
**Alyslarda, gün gan aglap ŷaşanda,**
**Ŷar ŷady ŷüregme ŷagtylyk salŷar.**

**Aŷ-aŷdyň gijeler, seŷle çykamda,**
**Akmaŷa Asmanda süŷdün dökende,**
**Ŷary ŷatlap, dolan aŷa bakamda,**
**Aŷ kä özi, kä-de söŷgülim bolŷar.**

*(ŷaşlyk ŷyllarymdan ŷadymda galan setirler)*

# Ýola çykyş
**(Adalatly düzgüne sary)**

**Gowgaly dünŷäni giňden gözläliň**
**Ajaŷyp döwrümiz hakda sözläliň**
**Beŷik ynkylabyň yzyn yzlalyň,**
**Ŷöriň adalatly düzgüne sary**
**Derde delalatly düzgüne sary.**
**Günsaŷyn açŷlŷar ynsanyň bagty**
**Açyldykça çagşap, zalymlaň tagty**
**Gitdikçe basyp duwr, tümligi ŷagty**
**Ŷöriň adalatly düzgüne sary**
**Derde delalatly düzgüne sary.**
**Oŷanŷar ezilen halklaryň bary**
**Göz açyp atlanŷar, söweşe sary**
**Ŷagty güne çykdy dünŷäniň ŷary**
**Ŷöriň adalatly düzgüne sary**
**Derde delalatly düzgüne sary.**
**Döwleriň dünŷäsi daralŷar barha**
**Ynsanlar aŷylyp, ar alŷar barha**
**Ŷoldaşlar, daň düŷbi agarŷar barha**
**Ŷöriň adalatly düzgüne sary**
**Derde delalatly düzgüne sary.**
**Bir ŷanda deňligiň gözel düzgüni**
**Bir ŷanda deňsizlik edŷär bozguny**
**İki düzgün göreşiniň gyzgyny**
**Ŷöriň adalatly düzügne sary**
**Derde delalatly düzgüne sary.**
**Parahatlyk isläp ŷeňeris urşy**
**Urş isleŷänlere çykarys garşy**
**Umyt berŷär bize taryhyň barşy**
**Ŷöriň adalatly düzgüne sary**
**Derde delalatly düzgüne sary.**
**Marksizm-Leninizm kesgir ŷaragmyz**
**Sosŷalizm dünŷäsi, arka diregmiz**
**Dagdan arkamyz bar, daşdan ŷüregmiz**
**Ŷöriň adalatly düzgüne sary**
**Derde delalatly düzgüne sary.**
**Ynkylap güneşi, salyp duwr ŷalkym**
**Joşŷar watan, urŷar haŷbatly tolkun**
**Kalby, bile urŷan, eŷ Türkmen halkym!**
**Ŷöriň adalatly düzgüne sary**
**Derde delalatly düzgüne sary.**

***(Türkmensähra-1983)***

# Dört Gerçek

**Aŷ-ŷyllar aŷlanyp dolandy döwür**
**Ŷene-de sährama çaŷyldy ŷalkym**
**Ŷene-de dogurdy dört goçak ogly**
**Abany, Keŷmiri doguran halkym.**
**Watan asmanynda dört parlak ŷyldyz**
**Ajap dogup, täsin ŷaşyp gitdiňiz**
**Her ömür döredip ebedi setir,**
**Ajaŷyp rubagy goşup gitdiňiz.**
**Bu rubagy aŷdym boldy dillerde**
**Eneler hüwdi edip söŷdi balasyn,**
**Ŷugruldy zähmete, siňdi göllere**
**Hoş bezedi, gyz-gelinler lälesin.**
**Jandan goşgu döredenlere alkyş!**
**Ata kesbin Ŷöredenlere alkyş!**
**İl-gün ynamydy, ägirt güŷjüňiz**
**Arassady, söŷgiňiz hem öcüňiz.**
**Duşmanyň paltasy etmedi eser**
**Ŷer tutmady, ŷersiz uran töhmeti**
**Ahmyrly düşdüňiz hile duzagna**
**Ganojaklar başga çäre tapmady.**
**Dos diŷenňiz duşman bilen bir çykdy**
**Ŷylan ŷaman ŷerde zäherin dökdi!**
**Ŷykylyp düşende dört äpet gaŷa,**
**Gülüstanyň gür tokaŷy tawş etdi**
**Gazap donun geŷip silkindi Sähram,**
**İl-güniň ŷigrenji dünŷäni tutdy.**
**Ok bolup duşmanyň ŷüregni deşer!**
**Damja-damja şehitlermiziň gany**
**Türkmeniň kalbynda ebedi ŷaşar!**
**Tumaç, Magtym, Tuwak hem-de Jürjani.**
**Her gerçek yzyny müň gerçek tutar!**
**Giň jahan ŷaŷylyp, şanly daň atar!.**
***(Daşoguz-1986, gyş)***

# „Gahryman“

**(Şirmuhammet Tumaja)**

**Lälezarly gözel Sähram bagş etdi,**
**Göwün açyklygny, gözel sulhuňy**
**Mawy Hazar eçdi akyl durusun**
**Hem gaŷ güni gopŷan ŷürek tolkuny.**
**Belentligňe bäs gelmezdi Demawend,**
**İmanyň berkligne Zagrosyň dagy.**
**Görogly dek ärdiň Seŷdi dek serdar,**
**Parasatdan paŷ beripdi Pyragy.**

**Ŷatmaz seniň atyp giden tolkunyň**
**Batmaz seniň salyp giden ŷalkymyň**
**Guwanmaga haky bardyr halkymyň**
**Türkmeniň goç ogly, goçagy Tumaç.**
**Türkmeniň goç ogly Sähraň bürgüdi**
**Eidp gitdiň iň mukaddes sargydy,**
**Diŷdiň: „gyrk ŷyl maŷa bolup gezenden,**
**Bir ŷyl namys ŷükli ner bolup ŷaşaň!“**
**Diŷdiň: „soguljan dek süŷrenmän laŷda,**
**Bürgüt dek daglara ser bolup ŷaşaň!“.**
**Al-asmandan şaglap indiň ajaŷyp!**
**Ganatyňy gyranda duşmanyň tiri**
**Şonda-da ŷaraly kalbyňy besläp,**
**Il-günüň, watanyň, dünŷäň takdyry,**
**Ŷazyp gitdiň iň mukaddes kelamy,**
**Gyzyl ganyň bilen ŷaşyl çemene:**
**Göreşmeli, göreşmeli gaŷduwsyz!**
**Azat durmuş gazanynçak watana**
**Baky güneş, dury asman jahana**
**Özerkinlik Türkmen ilime hökman!**
**Ykballar oŷanmaz şol güne ŷetmän.**
**Bu kelama sejde etdi gaŷalar,**
**Göwsüne nagş etdi gözel Gülüstan**
**Bu kelamda ine, şeŷle hurmat kän,**
**Bu kelamda, keramat kän, gudrat kän.**
**Ŷaşaŷyşyň, öwrenmeli kelamdy,**
**Ölümiň hem bir mukaddes mukamdy.**
**Çalyp giden şol ajaŷyp mukamyň,**
**Goja daglaň billerinde ŷaňlanŷar**
**Hazaryň gomunda, gözel Sähramyň,**
**Guş-gumryly çöllerinde ŷaňlanŷar**
**Gojaman daglardan, Hazar möwjinden,**
**Mukama gaŷtargy, şeŷle ŷaň gelŷär:**
**Öwrüler! öwrüler, öwrüler hökman!**
**Tumaçlar öwrüler uzaga çekmän**
**Akmaŷaň süŷdidir il-gün arzuwy,**
**Gudratyndan gahrymanlar direler!**
**„Akpamyk“ deŷ gany gaçan watanym,**
**Garadöwsiz dogjak daňlary görer!.**

***(Daşoguz-1986, güŷz)***

# **İl-güne bagş edilen ömür**

**(Gürgen Bähelkä)**

**Goç ŷigitleň lälezarly ŷolunyň,**
**Giň sähramda öwşün atŷan lälesi**
**Uzak ŷyllar ejir çeken ilimiň,**
**Arkadagydyň hem gerçek balasy.**
**Eŷ eziz halkymyň kalbyndan dörän!**
**Gereklidiň bize henizler örän**
**Eziz Gürgen azatlygyň aşygy**
**Eziz Gürgen Sähramyzyň gelşigi.**
**Teşne halka paŷlaň goşgydyr dessan!**
**Seçiň giň Sährama sözleriň dürün!**
**Diŷdiň: paŷlamaly yzyny kesman,**
**Ene dilimiziň göwherin, zerin.**
**İň gözel arzuwyň, suwsyz çöllerde**
**Döretmekdi ajap bagy-bossany**
**Arzuw etdiň adalatly ülkede,**
**Özerkin hem azat Türkmenistany.**
**Gözümden gitmeŷär, gitmez hiç haçan,**
**Goşgy ŷygnaklarna kebelekler dek,**
**Dumly-duwşdan ili-gün çozup gelende,**
**Bir ŷigit "Azatlyk" sazyn çalanda,**
**Çapaŷyw hakynda goşgy okanyň**
**Azajyk basylyp, sadalyk bilen,**
**Märekäň ŷüzüne mährem bakanyň.**
**Şonda, öz halkymyň çapaŷywyny,**
**Seniň merdana keşbiňde görüpdim**
**Şonda çapaŷywlaň ölmeŷänligne,**
**Buŷsanç bilen pikir aŷlap durupdym.**
**Gözümden gitmeŷär gitmez hiç haçan,**
**Şol barŷaň aŷgytly ädimler bilen**
**Goltuguňda "Hydyr Derŷaň" "Ykbaly"**
**Ŷüregiňde iliň, dünŷäň ykbaly,**
**Hyŷalyňda, geljek baharlar bilen...**
**Ynamly, ynamly, barha ynamly**
**Ykbal gözleginde yörerdiň dynman**
**Bulutlary syryp uzyn elleriň,**
**Tümligiň içinden geçip gözleriň,**
**Parlak "Daň ŷyldyzy" görensiň hökman.**
**Ejir çeken iliň hakyn alanda,**
**Ŷersizler ŷerlerne eŷe bolanda,**
**Akguş ŷaly ŷeňil ŷöräp geleňde,**
**Ŷaza öwrülerdi, hazanly güŷzler**
**Begenjiň waspyndan ejizdi sözler.**
**Tümlügüň aşygy ŷigrenji döwler,**
**Görüp bilmän bu ajaŷyp bahary,**
**Günme-günden artyp öji, gahary,**
**Gözleri gamaşyp beŷle ŷalkyma,**
**Salanda başyna gereksiz urşy,**
**Şonda-da çykypdyň duşmana garşy**

**Arsan dek arlaŷyp Görogly kimin**
**İl-güni ykbalyn goramak üçin…**
**Uruş ŷatdy, kineleri ŷatmady,**
**Goŷun derisini geŷen gurtlaryň**
**Wadasynyň ömri uzak gitmedi,**
**İkiyüzli, päli ŷaman itleriň.**
**Seni-de gahryman ŷoldaşlaň ŷaly,**
**Ähdi ŷalan namartlarça tutdular**
**Ar-namysly beŷik şahyr Seŷdi dek,**
**Gollaryňy baglap türmä atdylar.**
**Emma sen şonda-da düşmediň tapdan**
**Dessanyň başladyň täze bir bapdan.**
**Ŷene-de başladyň täzeçe urşy,**
**Ŷene-de işlediň, dessandyr goşgy**
**Güŷjüňe güŷç goşdy azatlyk yşgy.**
**Duşman çüŷretjekdi zeŷli türmede**
**Sen bolsa gitdikçe taplandyň durduň**
**Ŷürekde gaŷnaŷan gujyryň bilen**
**Türmäni-de çyn mektebe öwürdiň.**
**Garakçylar barha guduz açdylar**
**Täze-täze pitnelere geçdiler.**
**Diŷdiler: döwmeli her hili gynap**
**İň elhenç ŷollary görmeli synap.**
**Geçirdiler synag, aŷylganç synag!**
**Görülmedik jenaŷatlar etidler**
**Bir säher, getirip gözüň alnynda,**
**Goç ŷoldaşyň Seŷit Gojugy atdylar!**
**Emma, iki gerçek, iki gahryman**
**Är kimin hoşlaşyp durkuňyzy pozman,**
**Jellatlaň içinden geçirdiňiz gan.**
**Ahmyrly oturup geňeş etdiler**
**İň elhenç synagy orta atdylar!**
**Didiler: ŷoldaşyň Akbaŷramyny,**
**Getirip gözleriň alnynda atjak!**
**Soňra seni azat edip türmeden,**
**İl içinde şeŷle gürrüň ŷayratjak:**
**Öň Gürgenmiş ol pahyry tutduran**
**Soň hemme günäni dossuna ŷükläp,**
**Ŷene-de Gürgenmiş ony atdyran!**
**Şonda gahar-gazap gurşady seni**
**Tutaşdyň alawlap, öwrüldiň oda**
**Arkadagyň, iniň Akbaŷramynyň,**
**Merdana keşbini getirip ŷada:**
**"Men beŷle namysy çekmerin hergiz!"**
**Diŷip, bar ŷigrenjiň bilen gygyrdyň,**
**Gazaply gözlerňi dikip gözlerne,**
**Diýrsiň gara ŷüzlerine tüŷkürdiň.**
**Çökermekden umydyny üzdüler**
**İň soňraky çärä nagşa düzdiler,**
**Didiler: et indi soňky wesŷetiň**
**Didiler ŷaz indi iň soňky hatyň!**

**Ynanŷan! hatyň-da ŷaşaŷşyň ŷaly,**
**Biziň üçin iň gymmatly sapakdyr**
**Arzuwdyr, ynamdyr gözel geljege,**
**Zulmatyň synasyn ŷarŷan şapakdyr.**
**Diŷensiň: il-günüm dogan-gardaşym,**
**Mähriban aŷalym ömür syrdaşym,**
**Köşegim "İlmyrat" dik bolsun başyň!**
**Enemiň-Atamyň goragyn daşyn!...**
**Meniň üçin gara geŷip, ŷas tutmaň!**
**Gam ŷuwudyp göwni çökgünlik etmäň!**
**Çarkandakly ŷoldur, azatlyk ŷoly**
**Gaŷa dek inerler ŷykylar gider**
**Erkinlik aşygy ŷigitler, gyzlar,**
**Hazan ŷapragy dek döküler gider...**
**Biziňkidir hökman gözel geljekler**
**Gije öňün saklap bilmez säheriň**
**Nyşan galmaz, bu duman, bu gaŷlardan**
**Synasy doludyr bu gowgalardan**
**Umytly aŷlanŷan bu gara ŷeriň,**
**Biziňkidir hökman gözel geljekler!**
**Gije öňün saklap bilmez säheriň.**
**Şeŷdip, hatyn hem-de ömrün gutardy**
**İň soňky sargydyn ile ŷetirdi**
**Soň-da bäş geramlyk gurşun güllesi,**
**Bir ŷürek däl, bir dünŷäni ŷatyrdy.**
**Gadyr bilen halkyň, märiban iliň,**
**Bu gün seni hormat bilen ŷatlaŷar**
**Adamzadyň gözel geljegi üçin,**
**Döken deriň, beren ganyňy haklaŷar**
**Sen kimin goçaklaň eziz adyny,**
**Ebedilik synasynda saklaŷar.**
**Eziz Gürgen! biz hem bu gün ŷygnanyp,**
**Ŷatlaŷary seniň geçen ŷollaryň**
**Garşymyzda duwrsyň göŷä ŷylgyryp**
**Gahryman şehitleň gysyp ellerin**
**Ŷene gaŷtalaŷaň diriler üçin,**
**Özüň hem-de ŷoldaşlaryň sargydyn:**
**Uzasyn, uzasyn, barha uzasyn!**
**Daňa sary, lälezarly ŷolumyz**
**Uzasyn, uzasyn, barha uzasyn,**
**Tä ŷetinçä ŷagty güne ilimiz.**
**Bolmasyn ŷolumyz, jaňly kerwensiz,**
**Gaŷaly-gaplaňly ŷollar aşmaly!**
**Gürgenli bolarmy, ŷa-da Gürgensiz,**
**Jaňly kerwen, şanly daňa duwşmaly!**
**Hawa, kerwen agyr ŷollar aşmaly,**
**Her ynsan özüçe goşant goşmaly!**
**Şeŷleräk gutarŷar, sargydy-sözi**
**Synlap dur bizleri, umytly gözi...**

***(Daşoguz-1984, Gürgeni ŷatlama ŷygnagynda okaldy)***

# Är aŷdymy

**“Annageldi (Ännin) Gokleňiye”**

**Sähram dogurdy goçagy**
**Besledi il-gün gujagy**
**Sönmez jomardyň ojagy**
**Uly ile ŷardyň Ännin.**
**Adyň pelekden ujalan**
**Ene toprakdan güŷj alan**
**Saŷaňda halkym ynjalan**
**Meŷdanda serdardyň Ännin.**
**Nesiminiň ŷolun tutduň**
**Halypalary har etdiň**
**Sen bir ŷanyp duran o:tduň**
**Döw janyna nardyň Ännin**
**Dag gaŷasy dek duraňda**
**Bürgüt dek döşüň gereňde**
**Nagra çekip jan bereňde**
**Duşman kalbyn ŷardyň nnin**
**Ölmüň ile agyr düşdi**
**Daglar eňräp syl gözŷaşdy**
**Gün tawş edip, aglap ŷaşdy!**
**Şeŷle gudrat ärdiň Ännin**
**Polatdan berkdi imanyň**
**İl-güne bagş etdiň janyň**
**Seni doguran enäniň,**
**Şir ŷüregi bardyr Ännin.**
***(Berlin-1990)***

# „Ýedigenler“

**Gün geçýär,**
**Aý aýlanýar,**
**Ýyllar**
**Bir-biriniñ ýyzyndan,**
**Elýetez maksady ýzarlaýan**
**Irginsiz kerwen dek,**
**Şol eñip barýar, eñip barýar…**
**Gar üstüne gar düşýär,**
**Gubar üstüne gubar…**

**Ýamanlarymyzy, ýagşylarymyzy,**
**Ýagşy günlerimizi, ýaman günlerimizi**
**Diýersiñ,**
**Hiç haçan,**
**Hiç hili hadysa bolmadyk ýaly,**
**Şol gömüp barýar, gömüp barýar…**
**Gar üstüne gar,**
**Gubar üstüne gubar…**

**Göwnüme ýaňy ýaly**
**Mered agň aýaly**
**Goňşymyz soltan eje,**
**Gara öýüň daş işiginde,**
**Solup giden düşeginde,**
**Dolan aýyň yşygynda**
**Pişgesini süýndirip**
**Süýji – süýji gürrüňin,**
**Dadly bala döndürüp,**
**Ig egrip oturany.**

**Alkymynda joňkaryp,**
**Otyrdylar aňkaryp,**
**Bir gulpaklyja oglan,**
**Gyzjagazy mawyja.**

**Ajaýyp soltan eje,**
**Şol gürrüň berip otyr**
**Diýrsiň, dertlaşýän ýaly,**
**Gözel Türkmensäramyň**
**Asuda asmanynda,**
**Patrak ýaly açylan**
**Sansyz ýyldyzlar bilen.**

**Diýrsiň, gepleşýän ýaly,**
**Şol tirkeşdirip otyr,**
**Kyssa yzyna kyssany.**
**Her biriniň şanyna,**
**Düzüp ajap dessany:**

**Görünse şol "üç ýyldyz",**
**Saryja tomus düşer.**
**Görünende "ýaldyrak",**
**Gündizi ýangynlyrak,**
**Gijeler salkynlaşar.**
**Ol "ömri zaýa ýyldyz",**
**Parlap dogar, tiz ýaşar,**
**Gylygy ters dünýeden,**
**Ýüregi otly geçer.**

**"Ülker" dogsa tomusdyr,**
**Ýaşan güni gyş bolar,**
**Güýz hasyllar ýygnansa,**
**Göwni örän hoş bolar.**

**Görýaňizmi ol üçi?**
**"Ekiz owlakly geçi"**
**Bir – birinden azaşyp,**
**Mydam sergezzan olar.**

**Hanha, uzyn “ak ýoly”,
Görýäñizmi balalar?
Köşegini ýitirip,
Şol, zaryn bozlap giden
Ak süýdün döke – döke,
Balasyn yzlap giden,
“Akmaýanyñ süýdi” eken.**

**Ol görünýän ýedisi,
“Ýedigen”dir guzular
Görüp gözüm ganmasa,
Ýürek – bagrym eziler.**

**„Ýedigenim, ýedi ýyldyz
Ýedi gonar, ýedi göçer
Sanasam sogabym artar“**

**Inhä şu sanawajy,
Ýedi gezek bir demde
Gaýtalap bilen bende,
Haýyr – sogap gazanar,
Günäleri azalar…**

**Uzadykça soltan ejäñ
Geñ – enaýy dessanlary,
Haýran galan çagajyklar,
Doly ýaly görýärdiler,
Ýüzmüñlerçe wakalardan,
Tutuşlygna asmanlary.**

**Ne geñ dünýä, eý tañrym!
Ýyldyzlaryñ dünýäsi
Eşdilip duran ýaly,
Diýrsiñ, gohy – gowgasy.**

**„Ýedigenler, ýedi ýyldyz
Ýedi gonar, ýedi göçer,
Sanasam sogabym artar“!**

**Kimlerdikä ýedigenler?
Atlary şeýle mukaddes!
Haýsy ýagşyzadalarka?
Nädip şeýle ad alanka?
Olar haýsy gerçek, nähili ärdi!
Atlaryn sanasañ,
Sogaby bardy.**

**Belki ol ýagşyzadalar,
Tañrylaryñ gazabyndan
Il – güni gutarmak üçin,
Janlaryndan geçendirler.**

**Belki olar, ýeriñ ýüzün**
**Durşuna ýagşy etjek bolup,**
**Dünýäniñ tutuş ýamanlygyn**
**Ýedi pyýala doldurup,**
**Bir deminde içendirler**
**Kim bilýär?**

**Şuña meñzeş kop soraglar,**
**Soltan ejäñ igi ýaly,**
**Beýnimizde aýlanýardy.**
**Soltan ejäñ ýumaklary,**
**Dura – bara beýgelýärdi**
**Öñündäki pişgeleri,**
**Gitdigiçe azalýardy…**

**Ýyldyzlar öçüp başlaýar**
**Ýedigen göçüp başlaýar**
**Soltan ejäñ höwirleri,**
**Bir eýýäm ýatyp galypdyr**
**Ikisi-de guzy ýaljak,**
**Süýji uka batyp galypdyr.**

**Solta eje turup ýazýar-da bilin,**
**Içerik geçirýär iki köşegi**
**Hoşlaşyp Dañýyldyz, Ýedigen bilen,**
**Ýygnaşdyrýar ýumaklary, düşegi …**

**Hawa balalarym, ýañy ýalydy,**
**Şu gürrüñni berip duran zatlarym.**
**Diýrsiñ gara öý-de ýerinde ýaly**
**Hem-de ýañky tutup geçen atlarym.**
**Emma,**
**Durup bir seretsem yzymy,**
**Kyrkdan aşa gar düşüpdir üstüne**
**Düşüpdir ol enaýy ýatlamalar,**
**Gatlak- gatlak toz-topragyñ astyna.**

**Soltan eje nirde?**
**Mawyja hany?**
**Kim bilýär!**

**Belki Soltan ejämiz,**
**Ş:ol  ŷyldyzlaň içinde,**
**Azaşan owlaklary,**
**Ŷüregi yanan enä**
**Tabşyrmaga gidendir.**

**Ýa kösenen ak maýa**
**Bile zaryn bozlaşyp,**
**köşegini yzlaşyp,**
**Gowşurmaga gidendir...**

**İne, şeŷdip,**
**Düŷnki, suw ŷalyja gulpakly çaga,**
**Bu günki çalaran Daňatar aga,**
**Ak jaŷyň daş işiginde**
**Dolan aŷyň yşygynda**
**Gülli düşegiň üstünde**
**Dury asmanyň astynda,**
**Käte-käte çaŷyn içip,**
**Könelerden täzä geçip,**
**Gürrüň berip otyr:**

**„Ŷöne eziz balalarym!**
**Men bu gije, halkymyzyň**
**Gujagyndan göňe uçup,**
**Daňa sary ŷollar açyp,**
**Barŷan ŷyldlzlary hakda**
**Gürrüň berjek azda-köpde“**

**Diŷip, agyr gayga batŷar,**
**Yŷzy gelmez oŷa gidŷär…**
**Soň, galdyryp agras başyn,**
**Sözün şeŷle dowam edŷär:**

**Meniň eziz balalarym!**
**Gök yüzüni gowja gözläň,**
**Barmagymyň ugrun yzlaň**
**Tananlarmy görkezeŷin,**
**Galanlarny soňra yzlaň:**

**Hanha ol topbak ŷyldyzlar,**
**Hatar-hatar „Ŷedigenler“**
**Türkmensäraň asmanynda**
**Ŷanyp-ŷaldyrap doganlar.**

**Eneleň päk duŷgusuna,**
**Aşyklaň ak söŷgüsine,**
**Atalaryň hormatyna,**
**Adamzadyň gudratyna,**
**Ŷaşaŷyşyň päkligine,**
**Ŷolumuzyň aklygyna,**
**Tüŷs ŷürekden ynananlar.**

**Aŷ ŷalkymna tenin ŷuwup,**
**Daň şamagna täret kylyp,**
**Ynsany taňry dek söŷüp,**
**Öňünde başyn egenler**
**Topraga sejde kylanlar**
**Ŷolunda janyn goŷanlar**
**Hatar- hatar „Ŷedigenler“.**

**Gözleriňiz soraşyp duwr,**
**Ŷene aŷt diŷp, olar hakda!**
**Aŷdaŷyn men janym bilen,**
**Bilŷänlermi olar hakda:**

**Agyr gowgalarda, uly namysda,**
**Men-men diŷip orta çykan ärlerdir**
**Aňzak gyşda yssy berip iline,**
**Ganymlara, ŷanyp duran narlardyr.**
**Ruhlary asmanyň parlak ŷyldyzy,**
**Ganlary Sähramda lälezarlardyr.**

**Hatar-hatar „Ŷedigenler“**
**Ynsana başyn egenler,**
**Topraga sejde kylanlar**
**Yedi gonar, yedi göçer**
**Gijelerden dynman geçer**
**Baryp şanly daňy guçar**
**Ŷagty günüň yolun açar.**

**Salam size eŷ gudratlar!**
**Beŷik daglarda bürgütler**
**Dessanyňyz yüreklerde**
**Mekanyňyz dury Asman**
**Sanaam sogabym artar,**
**Sanamasam däl men ynsan!**

**Hawa, köşeklerim, ol Är doganlar,**
**Näçe alkyşlansa, yene-de azdyr**
**Asmanyň bezegi ol „Ŷedigenler“,**
**Ŷaşsalar hazandyr, dogsalar ŷazdyr.**

**Ŷüreklerde altyn bilen ŷazyldy,**
**Dünŷä dursa, diri galar ŷatlary.**
**Soraŷaňyz, sizden soň-da sorarlar,**
**Ol „Ŷedigenleriň“ kimdi atlary?**

**Men tanaŷanlarmy geçeŷin sanap**
**Ŷyldyz kän, barysyn bolmaŷar sanap.**
**Goňşy-golam, ata-enelarňizden,**
**Daŷy-daŷza, ŷene-ŷenelerňizden,**
**Galanlarny soraň yzyny kesmän**
**Ajaŷyp ŷyldyzdan, doludyr Asman…**

**Hanha, ol görünŷän „Dörtler“**
**Esen, Tuwak, Magtym, Şirli**
**Hanha Gürgen ŷüzi nurly**
**Ol Aŷmät çyn mertleň biri**
**Hanha, Ännin ärleň äri**
**Hanha, Gyzyl sährań şiri**
**Ol ikisi ömri zaŷa**

**Meňzäp duran güne-aŷa**
**Arslan Arka, şir Emadi**
**Öçmez hergiz, ŷanar durar,**
**Ŷüreklerde ŷakan ody.**
**Ol ikisi, bir-de Ata,**
**Haŷp gitidler, boldy hata.**
**Ol ŷaldyrap duran Jelil**
**Ynsanyň päkligne delil.**
**Ol görünŷän Seŷit Gojuk**
**Ŷüregi ak, göwni açyk.**
**Ol ikisi Abdyljelil**
**Ŷatdan çykarmaz uly il.**
**Ol biriniň ady Hally**
**Giň sähramda ady belli.**
**Ŷanynda ŷene biri bar,**
**Türkmeniň goç ogly Bidar.**
**Ol iki gana bulaşan:**
**Biri jellat elne düşen**
**Ol birine gülle degen,**
**Ahundiler iki dogan.**
**Ol görünŷän bäş körpeler,**
**Bir-birinden ŷaş körpeler,**
**İl arkadagy, "Arkalar".**
**Ol görünŷän Baŷrambibi**
**Ŷanynda körpe balasy**
**Eşdilip dur, toba-Taňry,**
**Enäniň ahy-nalasy!...**

**Okaŷan dek iň mukaddes kelamy,**
**Hersine müň sunup alkyş salamy,**
**Sanady at-ma-at,**
**Hatar-ma-hatar**
**Hatarlaryň yzy gör nirä ŷeter!**

**Sözüni aŷaklap ŷuwaş-ŷuwaşdan,**
**Başyny galdyrdy, dyzyna çöküp,**
**Körpeleň soranjaň ŷüzüne bakyp,**
**Diŷdi; balalarym gyŷylmaň beŷle!**
**Ganymlaryñ ganly güneşi batar!**
**Matamyñ ýerini toý-baýram tutar!**

**Ozaldan durmuşyň kanuny şeŷle,**
**Mundan „Ŷyldyz" ŷaşsa,**
**Ondan „Daň" atar!**
***(Berlin-1990, gyş)***

## Dogduk depäm, Türkmensähram

**Sorasalar dertli yürek mekanyn,**
**Gadyryñ gaýnagy illerimdedir**
**Ýer ýüzünde iñ mukaddes mukamym,**
**Hüwdi-hüwdi diýen dillerindedir.**
**Sendedir gözbaşy, iñ gözel duýgyñ**
**Ýöregmi parçalan ilkinji söýgiñ**
**Müñ derdiñ dermeny, ganymy gaýgyñ,**
**Sähramyñ al-ýaşyl güllerindedir.**
**Daglarña sygyndym, sorap myradym**
**Alysdan-alysa, ýetirdi dadym**
**Ar-namysym, güýjüm, gujur-gaýratym,**
**Boz bulanyp akýan syllaryndadyr.**
**Başymdan gitmeýär watan howasy**
**Deñ-duşlar ýüzüni görmek höwäsi**
**Ganat kakýan köñül guşuñ talwasy,**
**Degresi gyýakly göllerindedir.**
**Kyrk çemesi, depeläpdim garyñy**
**Ençe ýyldyr, çekip ýörün zaryñy**
**Müñ gezek aýlansam, ýeriñ şaryny,**
**Gözüm şol gumugsy ýollaryñdadyr.**
***(Berlin, 1990 –Tomus)***

## Birleşeýli

**Eliñi ber elime, tut elimden jan dogan**
**Maña jan ganym bolsun, seniñ janyña degen**
**Agzyalalygyñ derdi, yzasy başdan agan**
**Egri oturup dogruja, gürleşeýli ezizim.**
**Gel agamjan sen dälmi, geçmişe ýürek bagym?**
**Gel jan inim sen dälmi, agyr gün arkadagym?**
**Gel jan uýam, ejekem, guwanjym miwe bagym**
**Bir bagyñ gülleri dek, parlaşaýlyñ ezizim.**
**Dil bilen orak orsañ, asla biliñ agyrmaz**
**Der siñdirip depmeseñ, ýerden hasyl gögermez**
**Tomus beýniñ gaýnaman, gyş gazanyñ bugarmaz**
**Gel az gürläp kän işläp, derleşeýli ezizim.**
**Agzybirlik ýañlansyn, ýüreklerde, netlerde**
**Ýawuz duşman sallansa, garyndaş bor ýatlar-da**
**Güýçli guwrdy görende, birleşýärler itler-de**
**Gel biz parahat güni, birleşeýli ezizim.**
**(Berlin-1990)**

# Aýralyk Ŷyllar

**Aýlandyk ençeme ýollary söküp**
**Duwz-çöerk nesibe gör nirä çekip!**
**Ýüregmizde ýanýan aýralyk oduñ,**
**Ençe ýad ülkede, külüni dözüp.**
**Eşidipdik, gördük, ajy eken gurbat**
**Gitdikçe ýüregim, gysylýar erbet**
**Bizi gören gara gözlere, ýene,**
**Gözüm düşermikä, eý amanuarbat.**
**İlden aŷra düşmek ajy hem ŷawuz**
**Göwin ŷarym, ŷürek şatlykdan gowuz**
**Durandyr gidenleň ŷollyny garap,**
**Bşyna döndügim ol Kümmetgawuz.**
**Kerwen gurup, göçüp barŷan bulutlar**
**Bilmen nirä geçip barŷan bulutlar**
**Salam aŷdyň biziň ile barsaňyz,**
**Ak merjenler seçip barŷan bulutlar.**
**Kerwen başyn biziň ülkä çekiňler**
**Giň Sährama mähir bilen bakyňlar**
**Ŷürek duŷgularmy tabşyrŷan size,**
**Eltip Watan topragyna döküňler.**
**Gözel Sähram söŷgä suwsap ŷatandyr**
**Aŷralykdan ŷürek-bagry tütändir**
**Goŷ çoŷsun özüni ŷürek oduma,**
**Gyş aňzagy dabanyndan geçendir.**
**Duŷgularym damja-damja dökülsin**
**Mele toprak, süŷgim bilen ŷakylsyn**
**Bahar geler, dürli güller açylar,**
**Şol güllere „Arzygül“ ad dakylsyn.**
**Hyŷalyňda geçŷär gije-gündizim**
**Çekip duwr iŷdiren çöregiň-duwzuň**
**Ŷatandyr Atolmuň şorja gumunda,**
**Çagalyk ŷyllarda basanja yzym.**
**Dyzlarym gowşaşŷar, köpelŷär iňrim**
**Barha golaŷlaşŷar, bärimden aňrym**
**Sähramda ŷene bir ŷelmik iŷŷänçäm,**
**Garaşyk edewer, eŷ beŷik Taňrym.**

***(Berlin-1990)***

# Gözel Sähram

***(Ussad Şähriýara meňzetme-nezire-)***

**Türkmensähram, sen sähralaň gözeli**
**Öwgiňe söz ŷetmez, diŷsek ŷazaly**
**Ŷer ŷüzi bir goşgy diwany bolsa,**
**Sen, Taňrymyň ŷazan iň uwz gazaly.**
**Gözel Sähram, iri-imişiň düwüp duwr**
**Gözi  gören, dili bilen öwüp duwr**
**Horasan daglary başyň syŷpalap,**
**Mawy Hazar aŷaklarňy ŷuwup duwr.**

**Türkmensähram sensiň sähralaň güli**
**Çybyndan gorap duwr Hazaryň ŷeli**
**Suwsasaň ak bulut, gök damja saçŷar**
**Oŷlarňy dolduryar, çawgadyr doly.**
**Gözel Sähram, bakja seniň, bag seniň**
**Adyň Sähra, ŷarty göwräň dag seniň**
**Gyş sowular, sawçy durnalar geler,**
**Bolar ŷene, döwran seniň, çag seniň.**
**Türkmensähram dagyň, sylyň gözeldir**
**Goŷnuňda ŷaşaŷan iliň gözeldir**
**Ŷöne, ŷer ŷüzünde bar gözellikden,**
**Türkmen Enä beren „Diliň“ gözeldir.**
**Olumlaňdan sürüler suw içerdi**
**Gaŷalaňda algyr-laçyn uçardy**
**Her ikindin Atolumyň ŷolundan,**
**Begdädemiz gyrat münüp geçerdi.**
**Görerin men, ŷene gara gözleri**
**İň agyr günde-de, güler ŷüzleri**
**Bar derdiň emidir il-gün gujagy**
**Dirilik suwydyr ŷürek sözleri.**
***(Berlin-1990)***

# Dost saçagy

***(Eziz dostum Abdylla Hoseyniñ öýünde myhmançylykda bolan günlerimiziñ ýatlamasy)***

**Alp dagynyñ etegi,**
**Ümsümlik gije**
**Töwerekden haýbat atýar,**
**Gür tokaýly depeleriñ garasy**
**Eteklerde süýnüp gidýär,**
**Baýyrlaryñ göwsün ýaryp,**
**Gür jeññelli deresi.**

**Depämizde dury asman,**
**Synlap duwr dünýäni**
**Synlap duwr bizi**
**Balkyldaşýan sansyz gözleri bilen,**
**Yzyny kesmän.**

**Alp dagynyñ etegi,**
**Syrly ümsümlik.**
**Bu gözel etegi ýassanyp ýatyr,**
**Asuda dynj alyp,**
**“Estihal” obasy.**

**Käte-käte alyslarda it üýrýär,**
**Kä iki-ýeke horaz gygyrýar,**
**Kä zaryñ, zaryñ, zaryñ...**

**Asyrlaryñ gursagyndan çykÿandek,**
**Kilisa jañlarnyñ haÿbatly sesi.**

**Şähdi açyk salkyn şemal,**
**Ýakymlyja eli bilen,**
**Sypalap geçÿär.**
**Gür tokaÿyñ agaçlary,**
**Bir enaÿy pyşyrdaşÿar.**
**Diýrsiñ,**
**Haÿ diÿmän atjak şanly dañy,**
**Söÿünjiläp,**
**Bir-biriniñ gulagyna çawyş kakÿar.**
**Ajaÿyp pyşyrdaşÿar.**

**Ne gözel, ne syrly,**
**Alp dagynyñ bu asuda gujagy.**
**Şeÿle täsin gözelligiñ**
**Ýaraşykly bezegi,**
**Ýürekdeş eziz dostuñ**
**Sahawatly saçagy.**
**Ýürekdeş eziz dostuñ**
**Yssy eçÿän ojagy.**

**Men otyryn**
**Otyr meniñ garşymda,**
**Men kimin, ÿurdundan**
**Hem il-gününden,**
**Aÿralyk ÿüküni gerşine atyp,**
**Gurbatda sergezzan**
**Ýürekdeş ynsan.**

**Saçak başy ümsümlik,**
**Töwerek ÿaly.**
**Ol öz dünÿäsinde seÿr edip otyr,**
**Men hem öz dünÿämde seÿr edÿän ümsüm...**

**Gapdalmyzda ÿañlanyp duwr pessaÿja,**
**Kä Mylly agañ çalan Humaralasy,**
**Käÿarym ajaÿyp Gorasan sazy,**
**Käÿarym Türkleriñ oÿun hawasy,**
**Kä gözel Gilandan zerdi melije,**
**Ajaÿyp gije**

**Ne gözel,**
**Ne syrly,**
**Hyÿal dünÿäsi.**

**Bu gözel dünÿäni weÿran etmäge,**
**Göÿä gorkÿan ÿaly**
**Hem men, hem-de ol,**
**Ne gep bar, ne gürrüñ.**

**Diñe, käte-käte göÿä uzakdan,**
**Ýüz-ÿüze düşende**
**Diÿÿändek salam,**
**Saglyga, saglyga**
**Boldy wessalam.**

**Ýene-de her kime gözel dünÿäsi,**
**Ýene-de ÿad bize dünÿä gowgasy.**

**Kä it üÿrÿär,**
**Kä horaz gygyrÿar,**
**Tamdyrañ nalasy,**
**Tokaÿÿñ sesi...**

**Oÿanÿar ÿürekde, näzik duÿgylar,**
**Tutaşÿar gaÿtadan, sönen söÿgiler.**
**Bar zat arassalyk,**
**Bar zat gözellik,**
**Diñe ÿok zat:**
**Men kim?**
**Sen kim?**
**Ol kim?**
**Men-menligiñ, düÿbi çüÿrük dawasy.**
**Diñe ynsanlygy,**
**Ynsany söÿmak.**
**Yzda galan deñ-duşlañ,**
**Gül ÿüzün görüp doÿmak höwäsi.**
**(Almanyñ Estihal obasy-1990)**

## Näbilsin?

***"Hemderd olup, içgin-içgin sormaÿan,***
***Näbilisn bir görüp gitse daşymdan.***
***Kämil bolup, jan gulagyn bermeÿen,***
***Añla bilmez, öten işi başymdan.***
***(Magtymguly)***

**Aÿlandym, agtardym, yzlaÿyp yzyn,**
**Ençe gezek bagly gapa duwş geldim.**
**Bilmek üçin Pyragynyñ kimligin,**
**İlkı köp zatlary bilmeli bildim.**
**Kä gurşundek çümüp deñiz düÿbüne,**
**Dür-merjenler gözleginde gezmeli.**
**Kä galtga dek, agyrlyklardan boşap,**
**Ak guş ÿaly, suw ÿüzünde ÿüzmeli.**
**Pyragynyñ yrfanyny nä bilsin,**
**Many bazaryndan ÿoly ötmeÿen.**
**Türkistan eÿesi Hazret Ýasawyñ,**
**Çeşmesinden bir ÿudum suw datmaÿan.**

**Pyragynyñ hijranyny näbilsin,**
**Ene topragyndan aÿra düşmeÿen.**
**Gözel iliñn gujagyndan sogrulyp,**
**Ýad illerde güni aglap ÿaşmaÿan.**
**Tanamaÿan, Nesimini, Hallajy,**
**Näbilsin hak üçin jandan geçdigin.**
**Änälhak! diÿp, zalym halypa garşy,**
**Hak söweşe ala meÿdan açdygyn.**
**Näbilsin örtenşin, il-gün derdine,**
**Egni bilen il-gün ÿükün çekmeÿen.**
**Şebli kimin dagy-daşy ÿandyrşyn,**
**Ýüreginden odly tütün çykmaÿan.**
**Näbilsin ak ÿürek galandarlaryñ,**
**Meÿlisinde al şerapdan datmaÿan,**
**Bir jurgadan kyrk aşygy gandyrşyn,**
**Hak söÿginiñ manysyna ÿetmeÿen.**
**Wysal üçin nalalarny näbilsin,**
**Sema diñläp, meÿ-mes bolup ÿatmaÿan.**
**Yşgy älem elendiren ÿarynyñ,**
**Her eşÿada jemalyn nagş etmeÿen.**
**Her kim Pyragyda özüni görmän,**
**Pyragyda Pyragyny görmeli.**
**Pyragyñ ÿerine özi sözlemän,**
**Jandan diñläp, özüne söz bermeli.**
**Pyragydan proletarÿa bolarmy?**
**Başyna çür telpek geÿdirmek bilen.**
**Magtymguly Maksim Görki-de bolmaz,**
**Diÿmedik sözlerni diÿdirmek bilen.**
**Ahun ÿa-da aÿatolla-da bolmaz,**
**Sakal goÿup selle geÿdirmek bilen.**
**Magtymguly, diñe Magtymgulydyr,**
**Magtymgulylygna örän uludyr.**
**(Berlin,Maÿ 1991)**

## Pyragy kim?

**Her at tutulanda gözüñ öñünde,**
**Belli bir adamyñ keşbi janlanÿar.**
**Her ynsan özüçe giden bir dünÿä,**
**Her dünÿä içinde müñlerçe gowga,**
**Ýöne herkim bir sypatda bellenÿär.**

**Aÿdarsyñ oÿlanyp, tanaÿan bolsañ,**
**Sorasalar, niçik adam pylany?:**

**Ýa bir garaçydyr, ÿa uly alym.**
**Ýa bir puharadyr, ÿa zabun zalym.**
**Ýa açyk göwündir, ÿa iki yüzli,**
**Daşy güler, içi hiç bolmaz mälim.**

**Syýasatçy ýa-da köp bilen filsuf,**
**Köpe gizli syrlar, oñ üçin zahyr**
**Ýa sözi saýaksyz ýañranyñ biri,**
**Ýa il-gün içinde hormatly şahyr**
**Ýa gowy adam dirsiñ ýa-da ýaramaz,**
**Ýa il-güni satan, ýa watanparaz,**
**Özüñçe bir baha berersiñ garaz.**

**Ýöne, birgün maña bir türk gardaşym,**
**Kyn sorag berdi-de aýlady başym.**
**Didi: türkmenlerde barmyş bir şahyr,**
**İl içinde orny uly bolmaly,**
**Ady diýrsiñ Magtymguly bolmaly.**

**Köp oýlandym, pikir aýlap köp zada,**
**Bir giden dünýäni getirdim ýada…**
**Diýdim: hawa, bardyr bizde şeýle at**
**Korkut atamyzdan galan bir züýat.**
**Türkmen halky oña welimiş diýýär,**
**Boljak-geljekleri, öñünden gören,**
**Hakdan içen, dürler saçan bir şahyr,**
**Erenler içinde, beýik bir eren.**

**Menden eger habar alsañ Pyragy:**
**Depämiñ täidir, arkamyñ dagy,**
**Uly ili terbiýelän mugallym,**
**Ýaşaýyş ýolumyñ parlak çyragy,**
**Gaýdusyz watançy, köp bilen filsuf,**
**Hem aryf, hem şahyr, ak ýürek sopy,**
**Demirgazyk ýyldyz, azaanlara,**
**Myradyn isläne, umytly gapy.**

**Türkmenlerde söhbet bolsa, saz bolsa,**
**Magtymguly, saz-söhbetiñ başydyr.**
**Türkmen şygry, altyn ýüzük saýylsa,**
**Magtymguly onuñ göwher gaşydyr.**

**Türkmenlerde, ýawuz güni, ýaw güni,**
**Goç ýigitler ýarag alsa eline,**
**Pyragyñ pähimli ýürek sözleri,**
**Ýüregne ynamdyr, güýçdir goluna.**

**Magtymgulyñ, il-gününi söýşi dek,**
**Tañrysyny söýse her bir ynanýan,**
**Onki süññi günä ýugrulan bolsa;**
**Hak ýanynda, ýalkanar ol bigümän.**
**(Berlin, Maý 1991)**

# Salam Magtymguly

**Salam Beÿik Atam eÿ Magtymguly**
**Söz gülüstanynyñ öçmjek güli**
**Salam il-günümiñ, eÿ görer gözi**
**Akyl asmanynyñ parlak ÿyldyzy.**
**Gidip-gelenden eşidip begendim,**
**Dawaraly toÿ tutuljak adyña**
**Ýöne menä aÿtsam sözümi göni,**
**Gaÿgy-hasrat basyp durka il-güni,**
**Toÿ toÿlamak, düşenogam ÿadyma.**
**Bilÿänsiñ derdimi eÿ Magtymguly!**
**Iliñ agyr halyn, eÿ ady uly!**
**Ýüregi bir, damary bir göwresin,**
**Ganly gylyç, ortasyndan kesip duwr**
**Gül-gunçasy açylmadyk bagyna,**
**Dumly-duşdan hazan ÿeli ösüp duwr.**
**Ajdarha eÿeläp zawlañ ÿagşysyn,**
**Talanyp duwr, hydyr gören topragyñ**
**Ar astynda köÿen beÿik çynarlar,**
**Döküp duwrlar hazan uran ÿapragyn.**
**Bu gün Çowdur hanlañ gollary bagly,**
**Ýa sürgünde, ÿa-da türmede ÿatyr,**
**Ýürekleri wolkan, içleri tütün,**
**Ahmyrly, ahmyrly ah çekip otyr.**
**Wyjdanyna eÿe alym-şahyrlañ,**
**Öz tabytyn özi ÿasap aem ÿaly,**
**Aglaÿ-aglaÿ öz daşyna aÿlanyp,**
**Ömrüniñ çyrasy öçÿär-de gidÿär**
**Ne şölesi, nuri uzaga gidÿär,**
**Ne çekÿän ahmyryn kimse eşidÿär.**
**Arzuw edip giden erkin döwletiñ,**
**Heniz-heniz gurulanok Pyragy,**
**Üstümiz agasyz azat durmuşyñ,**
**Hözirini görülenok Pyragy.**
**Elbetde toÿ tutmak bizde gowy zat**
**Hem mukaddes sylamaklyk ulyny,**
**Has-da beÿik ynsan Magtymgulyny.**
**Ýöne bu gün diñe toÿ bilen däl-de,**
**Ýolun dowam edip sarpa goÿmaly!**
**Pyragyny söÿÿänimiz çyn bolsa,**
**Pyragynyñ gözel ilin söÿmeli!**
**Pyragyny söÿÿänimiz çyn bolsa,**
**Pyragynyç saÿrak dilin söÿmeli!**

**(Berlin, Maÿ-1990)**

## Giñelýär Dünýäm

**Ölmedim ajaýyp günleri gördüm,**
**Müñdebir minnetdar saña eý eýýäm**
**Garyb guş dek ýurt aradym asyrlar,**
**Indi gonmak üçin bardyr höwürtgäm.**
**Ene topragymda gul boldum ýada,**
**Ata watanymda geçmedim zada,**
**Gözýaş tesgin berdi ýürekde oda,**
**Ynjalyp başlady ýaraly synam.**
**Öweý enä, ene diýdim ýalandan**
**Daşym güdi, içim doly ýalyndan**
**Kamatym düküldi hijran elinden,**
**Buşluk! Ýar öwrülýär ellerinde jam.**
**Hakyky ýetimmiş watansyz ynsan**
**Buýsançsyz ýürekde doñar eken gan**
**Dañ düýbi agaryp aýylýar jahan,**
**Dumanlar syrylyp giñelýär dünýäm.**
**Men beýik çynardym palta urdular,**
**Mazarymda toy meýlisin gurdular ,**
**Gözel iliñ gujagyndan sürdiler,**
**Bu gün gujak açyp garaşýar ülkäm.**
**Gara günler geçdi, günler agardy**
**Magtymgulyñ sepen tohmy gögerdi**
**Watan bu gün bizi toýa çagyrdy,**
**Başlandy Türkmene, döwletli döwran.**
***(Garaşsyzlyk aýy/Oktobr 1992-Aşgabat)***

## Türkmenistanym

**Asmanyñ eýesi „Änewiñ“ yurdy**
**Müñ ýyllardyr ýaşyñ Türkmenistanym**
**Göreşiñ, dalaşyñ synagyñ ýurdy**
**Şoñ bilen dirisiñ Türkmenistanym.**
**Gujagyñda dogdy, ynsanlyk añy**
**Şapagyñdan atdy, doslyygñ dañy**
**Tamdyrañ tarynda azatlyk heñi**
**Öçmesin ojagyñ, Türkmenistanym.**
**Oguzdan pyraga, müñlerçe dagy**
**Akylyñ paýhasyñ öýi-otagy**
**Tumardan Görogla, arslan ýatagy**
**Her dagyñ, her daşyñ Türkmenistanym.**
**Diriligim diñe watanyñ yşgy**
**Söýgiñden doludyr, yüregmiñ köşgi**
**Gözel ene dilim, duran bir goşgy**
**Buýsanjym, guwanjym, türkmenistanym.**
**Üç mukaddeslige mukaddes ölüm**
**Bir tañry, bir toprak, bir ene dilim**
**Ysar elim gurban, hem sözlär dilim**
**Saña sunýan başym, Türkmenistanym.**

**Garaşsyz watanym geljegiñ ýagaty**
**Sür güneşe sary, eýerläp wagty**
**Tañrymdan dilemen, sensiz hiç bagty**
**Sensiñ ömrüm, ýaşym, Türkmenistanym.**
**Köp gowgaly agyr günleriñ ötdi**
**Başyñ beýikligi, asmana ýetdi**
**Şeýle bir ajaýyp, şanly dañ atdy**
**Batmaz! bagt güneşiñ, Türkmenistanym.**
***(Berlin 1996 Tomus)***

## Ömür Ŷoldaşym, Mama Nejjaryŷa
**(Durmuş gurmagymyzyň 25 ŷyllygyna)**

**25 ŷyl dimek, bir kiçi ömür**
**Odum bilen girip, külüme dözdüň.**
**Toŷda bezeg, gaŷda arkamyň dagy**
**Sürgün, bosgun, ençe zülüme dözdiň.**
**Tüm gijämde, daň ŷyldyz dek dogaňda,**
**Saŷrapdy ŷüregmiň gam basan sazy**
**Gaŷ-tupan-da biziň üçin bahardy**
**Gyşyň aňzagynda ŷaşapdyk ŷazy.**
**Boŷňa gyzyl düzüp, köşge salmadym**
**Haŷran-da etmändi, altynyň yşgy**
**Emma ŷüregimiň töründe gurdum,**
**Söŷgiň bilen örüp, iň gözel köşgi.**
**Ŷerinde il-günüň däbine uŷup,**
**Kiçimi sylap, ŷaşulymdan ŷaşyndyň**
**İň agyr günler hem gaşyňy çytman,**
**Hem duŷgyma, hem dawama düşündiň.**
**Ata-baba ojagymyň oduny,**
**Goradyň ŷürekden yssylyk berip**
**Hem sakladyň onuň mukaddesligin,**
**Gaŷ-tupan öňünde ganatyň gerip.**
**Durmuşda nämedir? bagyt diseler,**
**Kimiň elindekä jennetiň tuwgy?**
**Diŷerdim: jennete äkitjek guşuň,**
**Bir ganaty sylag, birisi söŷgi.**
**Garşylykly söŷgi-sylag ŷerinde**
**Şükür il öňünde gysga däl dilim**
**Ömür bakjamyzyň ajap bezegi,**
**Bagryň bilen beslän üç sany gülüň.**
**Gülzaryndan gözel Türkmensähramyň,**
**Arzylap tirdigim, arzyly gülsüň,**
**Sähramy ŷatladŷar, seniň her durkuň,**
**Gaŷgyň gyşyn, ala-baharny gülkiň.**
**Düŷn gyz diŷen gözel adda geleňde,**
**Deňiz dek joşupdy ŷürekde duŷgym**
**Bu gün Ene diŷen mukaddes adda,**
**Ŷer ŷüzüne sygmaz, sylagym, söŷgim.**

**Beŷnimde söz joşŷar, näçe uzatsam**
**Eŷ göňlümiň şady, ŷüregmiň nagşy**
**Ŷöne, ŷygnaŷaryn oŷnam setirde**
**Çünki sözüň uwzy, gysgasy ŷagşy.**
**Sensiz köşgi-eŷwan dar kafas maňa**
**Seniň bilen, çöl içinde tagtly men**
**Sensiz uçmah, belki dowzahdan ŷaman,**
**Seniň bilen, dowzahda-da bagtly men.**
***Berlin-2000 (Oktobr)***

## Kümüş Baŷrama Gutlag sözi

***(Almanlylaryň däbi boŷunça, gyz-ŷigit durmuş gurup bile ŷaşamaga başlanlaryndan 25 ŷyl geçende "kümüş toŷ", 50 ŷyl geçende bolsa "altyn toŷ" ady bilen toŷ tutŷarlar. Şu gowy däbe eŷerip, bu ŷuwrtda ŷaşaŷan türkmenler-de şeŷle toŷlary tutup başladylar. Şolara gutlag söz hökmünde aşakdaky ŷürek sözlerimi ŷazdym.)***

**25 ŷyl yssy saklan, Ojagy**
**Alkyş size, il-ulusyň adyndan**
**Ŷanyp dursun ŷene 25 ŷyllar**
**Tutaşyp ŷürekleň söŷgi odundan.**
**Öŷüň diriligi, yssysy ojak**
**Agyr ulus, öŷüň gerşinde durŷar**
**Öçmesin! öçmesin bir ŷanan ojak**
**Ojak öçen güni, il-gün hem dargar.**
**Bu ojakda önüp-ösen balalar**
**Ene dilden ganyp ösen balalar,**
**Bu mukaddes däbi, olar ŷöretsin!**
**Agöŷ dikip Atasyöŷnüň gaşynda,**
**Agöŷ dikip Agasyöŷnüň duwşunda,**
**Her Ak öŷde ŷene ojak döretsin!**
***(Berlin, 26.08.2005)***

## Sued (Şwesiya) şahyry "Hari Martinson"dan bir terjime

**( Çagalyk ýyllarymyñ şaýady, başlangyç okuwda klasdaşym hem eziz dostum "Şaroh Kamýab"yñ Şwsiya edebiýatyndan birnäçe goşgydyr gysgajyk çeper ýazgylardan saýlap, pars diline terjime eden "Sued hatlary" adyndaky kitapçasyny gaýtadan okap otyrdym. Bir goşgy örän ünsümi çekdi. Men öz içimden "käşki şu günki Türkmen nesilleri-de şular ýaly goşgulary öz ene dillerinde okap bilsedi" diýip oýlandym, hem-de şeýle eserleri gözel hem baý türkmen dilimize terjime etmegi synap görmegi ýüregime düwdüm. Bu işiñ, ylaýta-da goşgyny bir dilden başga bir dile terjime etmegiñ örän kyn hem jogapkärli işdigini göz öñüne getirsem-de, ýetmezçiliklerini soñrakylar doldurar diýen umyt bilen bu işe başladşm. Elbetde Türkmen diliniñ aýratynlyklaryny hem-de Türkmen okyjylarynyñ ruhy dünýäsine hem düşünjesine**

**uýgunrak bolmagyny göz öňünde tutmak bilen, goşgyny sözme-söz däl-de eýsem erkinräk terjime etmegi dogry tapdym.)**

## “Likan” agajyň aşagynda öz içini gepledýär

**Agajyň aşagynda “Likan” öz içini gepletýär:
Elmydama aralyk altyn ýoldan gürrüň edýärler
Hamana, bar bolan ýeke täk ýol ýaly,
Dag bilen düzüň aralygynda.**

**Emma ýaşaýyşda köplükdir, dürli-dürlilik bar ahyry,
Müňlerçe aralyk altyn ýollary bilen
Müňlerçe bähbitli, güneşli hem parlak ýollar.**

**Köp we aýry-aýry düşünje,
Ýaşaýşyň yzygiderli tejribelerinden görelde almak,
Ýaşaýyşda iň dogry bolup biljek düşünjedir.
Bu düşünje, seniň uzak ýollaryňy
Güneşde we aýdynlykda,
Hatda garaňky gijede,
Gözýetimiň dar çygrynda,
Ýoluňa yşyk salýan çyradyr.**

**Bu dünýä bir gür tokaýdyr!
Gür agaçlaň içinden ýol açmaly ynsan.**

**Öňe gitmek üçin,
Töweregi barlamak gerek.**

**Çünki bir ýolda azaşyp bilersiň.
Azaşanyňy bilmek gerek,
Täze bir ýol tapmak üçin.**

**Tokaýyň gündizine güneş düşýär,
Gijesine aý we ýyldyzlar.**

**Arassa wyjdan bilen seret
Güneşe, aýa we ýyldyzlara!
Iki ýüzliligi içiňden yog et
Ýoluňy aşyp bilmek üçin!**

**Köplük hem dürli-dürlilik,
Ynsan aňynyň mähäk daşydyr.**

**Parlak güneşi ýadyňa sal,
Içiňdäki dogruçyl düşünjäňi şonuň bilen beze!
Dogruçyl wyjdanyň sergezzanlygy,
Hemişe gysgadyr.**

**(Berlin, 3.9.2005)**

# Adamlar!

## Dr. Japarbaýyň aradan çykmagyna duýgudaşlyk

**(Fevral-2000)**

***Dr. Mämişir Japarbay örän medeniŷetli, hamrak we dogruçyl adamdy. Beŷik Möwlanenyň aŷdyşy ŷaly ol: Boluşŷ ŷaly görünüp, görnüşi ŷaly-da bolup bilen adamdy.Türkmenistan garaşsyzlygyna gowşan gününden başlap örän arassa düŷgy hem hoşniŷetlilik bilen, öz ugry boŷunça gymmatly kömekler etdi. Öňki hassahanalaryň durkuny düŷbünden üŷtgedip Ŷewropanyň modren teknikleri bilen üpjün edilmelidigini yzygiderli teklip edip özi-de iş yüzünde gatnaşdy. onuň bu zämetlri uly möçberde öz netijesini berdi. Ŷatan ŷeri ŷagty bolsun!***

**Ŷaşaŷyşyň,**
**Bir, göz ŷumup açasy,**
**Bir, uçgun ŷanyp öçesi,**
**Bir, güŷz ŷapragynyň,**
**Sapagyndan tänip düşesi,**
**We bir, ynjan ŷüregiň,**
**Urmadan galasy dek**
**Gysgalygyna,**
**Oŷlanŷasmy Adamlar!**

**İki başy görnüp duran**
**Şu ŷalançy saraŷ,**
**Şu gysgajyk salym,**
**Bir ynsanyň:**
**Göwnüne degmäge,**
**Ŷüregini gymaga,**
**We duŷgusyny,**
**Demir penjeler bilen owmaga,**
**Degŷärmikä Adamlar!**

**Her ŷaşaŷyş bir synag,**
**Her ölüm bir sargyt,**
**We her saŷman,**
**Adalatly bir Halk Diwanydyr!**
**Emma bilŷänler üçin.**

## Türkmen şahyry Gurbangeldi Ahunber Aramyzdan gitdi!

*(25.2.2005 Türkmrnsahra)*

***(Ol öz ýaşaýan ýekeje sowuk otagynda, gyşyñ añzagynda gaty yalñyzlykda aradan çykýar!. Gurbangeldi 1325-nji ýylda garyb maşgalada dünýä indi. Ene-atasy ir aradan çykyp, ýaşlyk ýyllaryny ýetimlikde, örän agyr geçirdi. 15-16 ýaşyndan, 1340-njy ýylda başlanan Türkmen milli hereketine, özüniñ dosy hem deñ-duşy bolan, merhum „Annagurban Gylyçtagany“ bilen bilelikde örän işeññir gatnaşdylar. Olaryñ ikisi-de 1351-nji ýylda hökümet tarapyndan tutulup türmä salynan Türkmeniñ milli hak-hukuklary ugrunda göreşijiler toparynyñ arasyndadylar. Ýatan ýerleri ýagty bolsun!)***

***„Il-ulusdyr dossy-ýary ýekäniñ“ (Magtymguly)***

## Soñlanmadyk sözler (1)

**Inim jan Gurbangeldi**
**Ajy habaryñ eşdip,**
**Ajy-ajy agladym,**
**we,**
**Ajydan ajy güldüm!**

**Öñ-de bir şahyryñ aýdyşy ýaly:**
**Insan ogly güler eken haçan-da,**
**Derdi agydan agsa!**

**Eý beýik tañrym!**
**Saña ýalbarýan!**
**Şeýle ajy gülkini özgelere dözmäwer!**

**Şeýle elhenç ölümü,**
**Il özüne gelsin dip,**
**Dözensiñ belki!**
**Indi bir, görkezmäwer!**

**Işi gaýdan ulusyñ,**
**Işi gaýdan balasy!**
**Iñ soñy bogdy ony,**
**Ömür boyy çekdigi**
**Ahmyry, ahy, nalasy.**

**Işi gaýdan ulusyñ,**
**Işi gaýdan çagasy,**
**Arkasynda bolmady**
**Arka berip söýenjegi,**
**Gaýa başly, galkan döşli inisi**

**Goltugynda bolmady**
**Ruhuna daýag boljak,**
**Ak sakally, agyr başly agasy.**

**Şeýle gözgyn, şeýle ýalñyz,**
**Şeýle sowuk, şeýle gorkunç,**
**We,**
**Seýle ajy gülkünç,**
**Ölüp biljek eken!**
**Işi gaýdan ulusyñ,**
**Işi gaýdan balasy!**

**Ahyry bogdy ony,**
**Ömür boýy çekdigi,**
**Diñe,**
**Ili-güni üçin,**
**Ahmyry, ahy, nalasy …**
***(28.2.2005 Berlin)***

## Soñlanmadyk sözler (2)

**Sen ýaşadyñ,**
**Sen ilde ýaşadyñ**
**Il sende ýaşady**
**Il seni ýaşatdy,**
**Sen ili ýaşatdyñ**

**Goşgy ýazdyñ**
**Duýgy düzdüñ**
**Soñlanmadyk goşgular…**
**Duýulmadyk duýgular**

**Asman ýaly giñ**
**We, Türkmensährañ ýaly gözel,**
**Her söz, emma**
**Her bir türkmen söz,**
**Dünýä inen bir gara göz,**
**Türkmeniñ bir garagöz balasydyr.**
**Soñlamadyk,**
**We, soñlamajak sözler, garagözler…**

**Il seni ýaşatdy**
**Sen ili ýaşatdyñ**
**Sende ýaşady:**
**Orazmuhammed Tekeler, Gazak Pañlar**
**Hojalar, Nazarlalar…**
**Galkanlar, Şaeriler, Annagurbanlar…**
**We, sende ýaşady:**
**Sähramyñ gyzyl läleleri,**
**Ilimiñ gerçek balalary, arka dagy**
**Şehitler…**
**Sende ýaşady,**
**Bu mukaddes kerwen…**

**We bu gün!**
**Seniñ bilen uzady**
**Bu kerwen,**
**We uzar…**
**Ilden ile gezer**
**We seniñ sözleriñde ýüzer,**
**Bu mukaddes kerwen.**

**Sen,**
**Bu mukaddes kerweni,**
**Ŷaşadañsoñ ýaşadyñ!**

**We biz,**
**Seni, we**
**Bu mukaddes kerweni,**
**Ŷaşatdykça ýaşarys!**
***(1.3.05 Berlin)***

## Soñlanmadyk sözler (3)

**Sen öldüñmi!**
**Ölmek näme?**

**Biziñ ilde,**
**„Pylany amanadyny tabşyrdy“, dirler**
**Sen diñe**
**Amanadyñy tabşyrdyñ ahyry!**
**Ýagny:**
**Tañrynyñ berenini Tañra,**
**Toprakdan alanyñy**
**Topraga gaýtaryp berdiñ.**

**Emma, seniñ sözleriñ?**
**Olar,**
**Amanat däl!**
**Olary,**
**Sen özüñ ýaratdyñ, döretdiñ**
**We goradyñ.**
**Olar,**
**Seniñ özüñki,**
**Diñe özüñkidir.**

**Sözleriñ gezýär.**
**Diýmek, sen ýaşaýarsyñ.**

**Biziñ ilde:**
**Ýaradana Tañry,**
**Döredene Eýe,**
**We gorana,**
**Pir, Eren dirler.**

**Biziñ iliñ añynda:**
**Eýeler, Erenlar**
**Ölmezler dünýäsiniñ,**
**Ölmezleridir.**

**Olar,**
**Aramyzda gezýärler,**
**we,**
**Bizi, il-güni,**
**Hem gözel Türkmensahramyzy,**
**Goraýarlar.**

***(1.3.05 Berlin)***

## „Gardaş duygusu“

**(Azeri türkçesinde)**

**Sevinjim mavi Xäzär**
**Sän eŷ mehriban ana!**
**Muhäbbätli gollaryn,**
**Uzanyb iki ŷana**
**Tarix boyu bäslädin,**
**Her golunda bir bala**
**Biri şekkärdän şirin**
**Biri tat goşur bala.**

**Kimdir bu iki bala?**
**Bir anadan süt ämän.**
**Bilmiŷen varsa, bilsin!**
**Bir gögsinde Azeri,**
**O birinde Türkemen.**

**Anamyz aslan Tumar**
**Atamyzdyr Oguzxan**
**Üreklärdä duŷgu bir**
**Damarlarda eŷni gan**
**Bir agajyn dallary**
**İki gövdede bir jan**
**Od yurdu Azärbayjan,**
**Günäşli Türkmenistan.**

**Baharymyz eynidir**
**Bir esär xäzan ŷeller**
**Çünki bir olmuş bizi**
**Sevän hem vuran ällär**
**Bir banniyar xuruzlar**
**Bir oxuyar bülbüllär.**

**Bir agajyn dallary,**
**İki gövdede bir jan**
**Od ŷurdi Azärbayjan,**
**Güneşli Türkmenistan.**

**(Berlin-1995)**

# Yalnızlık

**(Türkiye türkçesinde)**

***(Üç kimliğin: Türklük, Avrupalılık ve Araplık arasında kalan soydaşlaıma hitap)***

**Bir garip türkmenim, uzakta ahbap**
**Hicran ateşinden yüreğim kebap**
**Selama eleyk yok, telfona cevap**
**Kapılar kapalı, kaldım dışında**
**Ne acı yalnızlık, toplum içinde!**
**Sürüldüm vatandan, özlemi kaldı**
**Yurdumu yuvamı, hırsızlar aldı**
**Türkü imanımı, şeytanlar çaldı**
**Kapılar kapalı, kaldım dışında**
**Ne acı yalnızlık, toplum içinde!**
**Para, ne güzelsin! hem can hem canan**
**Parası olmuyan, sayılmaz insan!**
**Para savaşından, dünyamız al kan**
**Kapılar kapalı, kaldım dışında**
**Ne acı yalnızlık, toplum içinde!**
**Nerdesin söz için, can veren türküm?**
**Nerdesin toprağa, kan veren türküm?**
**Nerdesın tarihe, yön veren türküm?**
**Kapılar kapalı, kaldım dışında**
**Ne acı yalnızlık, toplum içinde.**
**Dağlarda kartalken, derye çöktük**
**Bir Araba bir,de Batıya taktık**
**Niçin kendi türklüğmüzden el çektik?**
**Kapılar kapalı, kaldım dışında**
**Ne acı yalnızlık, toplum içinde!**
**Aradım yılmadan, gece hem gündüz**
**Tugruldan, Fatihden bulamadım iz!**
**Ben toplumdan, toplum benden,de yalnız!**
**Kapılar kapalı, kaldım dışında**
**Ne acı yalnızlık, toplum içinde!**
**Suç oldu atalar izinden gitmek**
**Sakalsız sarıksız dinden söz etmek**
**Suç oldu Ata,nın adını tutmak!**
**Kapılar kapalı, kaldım dışında**
**Ne acı yalnızlık, toplum içinde!**
**Soruma cevab ver, derdin alayım**
**Topluma girmekçin, Arabmı olayım?**
**Goy ben yalnız, ancak Türkmen kalayım**
**Goy kalayım, odsuz evler dışında!**
**Tek koşayım, ataların peşinde.**

***(18.01.2006 Berlin)***